# Bijeler çekildi – janköýerlere final derejesindäki duşuşyklar garaşýar




UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsümiň bijeleri çekildi. Has takygy, liga tapgyrynda haýsy toparyň haýsy 8 topar bilen duşuşyk geçirjekdigi mälim edildi. Bije çekiliş dabarasyna fransuz futbolynyň ýyldyzlaryndan Tierri Anri bilen ispan futbolynyň meşhur hüjümçisi Dawid Wilýa gatnaşdy.

Dabaranyň başynda PSŽ-niň braziliýaly go-



ragçysy Markinios UEFA-nyň täze baýragynyň – «Respect: Beyond the Game Award» sylagynyň ilkinji eýesi boldy. Şeýle-de, Tierri Anri UEFA-nyň Prezidentiniň baýragy bilen sylaglandy.

Çekilen bijä laýyklykda, edil geçen möwsümde bolşy ýaly, futbol janköýerlerine liga tapgyry boýunça 20-25 töweregi duşuşyk garaşýar. Her topar 4 duşuşygy öz meýdançasynda, 4 duşuşygyda myhmançylykda geçirer.

Soňky çempion PSŽ topary «Barselona», «Mançester Siti», «Roma», «Galatasaraý», «Aston Willa», «Wilýarreal», «Slowan Bratislawa», «Komo» klublary bilen bije çekişdi.

Bu kubogy iň köp eýelän «Real Madridiň» bijesine-de «Inter», «Arsenal», PSW, «Roma», «Leipsig», «Şahtýor», LASK, AEK toparlary düşdi.

Finalçy «Arsenal» bolsa «Real Madrid», «Bawariýa», «Borussiýa Dortmund», «Betis», «Lill», «Napoli», «Sabah» hem-de «Slawiýa Praga» bilen duşuşar.

«Barselona» hem «Mançester Siti», PSŽ, «Aston Willa», «Sporting», «Feýenoord», «Galatasaraý», «Komo» hem-de «Sabah» klublary bilen özara duşuşyk geçirer.

Şeýlelikde, futbol janköýerlerine «Real Madrid» – «Inter», «Liwerpul» – «Atletiko», «Napoli» – «Arsenal», «Atletiko» – «Mançester Ýunaýted», «Galatasaraý» – «Barselona», «Roma» – «Real Madrid», «Mançester Siti» – PSŽ, «Liwerpul» – «Wilýarreal», PSŽ – «Barselona», «Bawariýa» – «Arsenal», «Atletiko» – «Bawariýa», «Barselona» – «Aston Willa», «Mançester Ýunaýted» – «Roma», «Mançester Siti» – «Napoli», PSŽ – «Roma», «Inter» – «Liwerpul», «Mançester Ýunaýted» – «Bawariýa», «Aston Willa» – PSŽ, «Bawariýa» – «Mançester Siti», «Arsenal» – «Real Madrid», «Borussiýa Dortmund» – «Inter», «Liwerpul» – «Porto», «Mançester Siti» – «Sporting», PSŽ – «Galatasaraý» ýaly yklymyň iň öňdebaryjy klublarynyň arasynda birinden gyzykly bolar diýlip çaklanylýan oýunlar garaşýar.




Ýaryşyň debýutantlaryndan «Sabah» toparynyň bijesine kyn bäsdeşler çykdy. «Mançester Ýunaýted», «Wilýarreal», «Wiking», «Arsenal» toparlary bilen myhmançylykda duşuşykda «Sabah» kluby öz meýdançasynda-da «Slawiýany», «Borussiýa Dortmundy», «Barselonany» hem-de «Napolini» kabul eder.

26 ýyldan soň 2 topar bilen wekilçilik edýän norweg klublarynyň ikisi-de («Bude-Glimt» bilen «Wiking») «Bawariýa», «Atletiko Madrid», «Napoli» toparlary bilen duşuşarlar.

Ilkinji gezek gatnaşýan «Komo» topary özüniň 13 müň 602 orunlyk stadionynda «Leipsig», «Mançester Ýunaýted», PSŽ toparlaryny kabul eder.




UEFA Çempionlar Ligasynda liga tapgyrynyň oýunlary 1-nji duşuşyklar 8-10-njy sentýabrda, 2-nji duşuşyklar 13-14-nji oktýabrda, 3-nji duşuşyklar 20-21-nji oktýabrda, 4-nji duşuşyklar 3-4-nji noýabrda, 5-nji duşuşyklar 24-25-nji noýabrda, 6-njy duşuşyklar 8-9-njy dekabrda, 7-nji duşuşyklar geljek ýylyň 19-20-nji ýanwarynda hem-de jemleýiji 8-nji duşuşyklar 2027-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda geçiriler. 8 oýnuň netijesinde öňdäki 8 orny eýelän toparlar gönümel 1/8 finala çyksa, 9-16-njy orny eýelänler bilen 17-24-nji orunda tamamlanlar geljek ýylyň fewral aýynda goşmaça pleý-off duşuşyklaryny geçirerler. 2 oýunda ýeňiş gazananlar 1/8 finala atlaryny ýazdyrarlar. 1/8 finalyň oýunlary martda, çärýek final aprelde, ýarym final aprelde we maýda oýnalar. Final duşuşygy bolsa geljek ýylyň 5-nji iýunynda Madriddäki «Metropolitano» stadionynda («Atletikonyň» stadiony) geçiriler.

## 1-nji duşuşyklar

| 8-nji sentýabr (sişenbe) | | | |
|---|---|---|---|
| AEK Afiny | 21:45 | LASK | — |
| Klub Brýugge | 21:45 | Aston Willa | — |
| **Borussiýa D** | 00:00 | **Wilýarreal** | — |
| Porto | 00:00 | Mançester Siti | — |
| Lill | 00:00 | Betis | — |
| **Real Madrid** | 00:00 | **Inter** | — |
| **9-njy sentýabr (çarşenbe)** | | | |
| **Barselona** | 21:45 | Feýenoord | — |
| Ştutgart | 21:45 | Wiking | — |
| **Liwerpul** | 00:00 | **Atletiko** | — |
| PSŽ | 00:00 | Slowan Bratislawa | — |
| **Sporting** | 00:00 | **Galatasaraý** | — |
| **Napoli** | 00:00 | **Arsenal** | — |
| **10-njy sentýabr (penşenbe)** | | | |
| Fenerbahçe | 21:45 | Roma | — |
| PSW | 21:45 | Şahtýor Donesk | — |
| Komo | 00:00 | Leipsig | — |
| Bawariýa | 00:00 | Bude-Glimt | — |
| Man. Ýunaýted | 00:00 | Sabah | — |
| Slawiýa Praga | 00:00 | Lans | — |

## 2-nji duşuşyklar

| 13-nji oktýabr (sişenbe) | | | |
|---|---|---|---|
| Lans | 21:45 | Sporting | — |
| Sabah | 21:45 | Slawiýa Praga | — |
| Arsenal | 00:00 | Lill | — |
| **Atletiko** | 00:00 | **Man. Ýunaýted** | — |
| Inter | 00:00 | Klub Brýugge | — |
| **Galatasaraý** | 00:00 | **Barselona** | — |
| Leipsig | 00:00 | PSW | — |
| Wiking | 00:00 | Bawariýa | — |
| Wilýarreal | 00:00 | Napoli | — |
| **14-nji oktýabr (çarşenbe)** | | | |
| Feýenoord | 21:45 | Komo | — |
| LASK | 21:45 | Liwerpul | — |
| **Roma** | 00:00 | **Real Madrid** | — |
| Aston Willa | 00:00 | Fenerbahçe | — |
| Şahtýor Donesk | 00:00 | AEK Afiny | — |
| Bude-Glimt | 00:00 | Borussiýa D | — |
| **Mançester Siti** | 00:00 | **PSŽ** | — |
| Betis | 00:00 | Porto | — |
| Slowan Bratislawa | 00:00 | Ştutgart | — |

## 3-nji duşuşyklar

| 20-nji oktýabr (sişenbe) | | | |
|---|---|---|---|
| Fenerbahçe | 21:45 | Slawiýa Praga | — |
| Sabah | 21:45 | Borussiýa D | — |
| Roma | 00:00 | Slowan Bratislawa | — |
| Porto | 00:00 | PSW | — |
| **Liwerpul** | 00:00 | **Wilýarreal** | — |
| Mançester Siti | 00:00 | AEK Afiny | — |
| **PSŽ** | 00:00 | **Barselona** | — |
| Napoli | 00:00 | Bude-Glimt | — |
| Ştutgart | 00:00 | Atletiko | — |
| **21-nji oktýabr (çarşenbe)** | | | |
| **Komo** | 21:45 | **Man. Ýunaýted** | — |
| Lill | 21:45 | Galatasaraý | — |
| Aston Willa | 00:00 | Wiking | — |
| Klub Brýugge | 00:00 | Lans | — |
| **Bawariýa** | 00:00 | **Arsenal** | — |
| Inter | 00:00 | Şahtýor D | — |
| **Real Madrid** | 00:00 | **Leipsig** | — |
| Betis | 00:00 | Feýenoord | — |
| Sporting | 00:00 | LASK | — |

## 4-nji duşuşyklar

| 3-nji noýabr (sişenbe) | | | |
|---|---|---|---|
| Şahtýor D | 22:45 | Sporting | — |
| Galatasaraý | 22:45 | Ştutgart | — |
| **Atletiko** | 01:00 | **Bawariýa** | — |
| Barselona | 01:00 | Aston Willa | — |
| **Feýenoord** | 01:00 | **Inter** | — |
| Bude-Glimt | 01:00 | Lill | — |
| LASK | 01:00 | Slowan Bratislawa | — |
| **Man. Ýunaýted** | 01:00 | **Roma** | — |
| **Wilýarreal** | 01:00 | **PSŽ** | — |
| **4-nji noýabr (çarşenbe)** | | | |
| AEK Afiny | 22:45 | Real Madrid | — |
| **Fenerbahçe** | 22:45 | **Liwerpul** | — |
| Borussiýa D | 01:00 | Betis | — |
| Porto | 01:00 | Napoli | — |
| PSW | 01:00 | Klub Brýugge | — |
| **Leipsig** | 01:00 | **Mançester Siti** | — |
| Lans | 01:00 | Komo | — |
| Slawiýa Praga | 01:00 | Arsenal | — |
| Wiking | 01:00 | Sabah | — |

## 5-nji duşuşyklar

| 24-nji noýabr (sişenbe) | | | |
|---|---|---|---|
| Bude-Glimt | 22:45 | LASK | — |
| **Galatasaraý** | 22:45 | **Aston Willa** | — |
| **Arsenal** | 01:00 | **Borussiýa D** | — |
| Komo | 01:00 | AEK Afiny | — |
| Feýenoord | 01:00 | Porto | — |
| **Mançester Siti** | 01:00 | **Napoli** | — |
| Leipsig | 01:00 | Lans | — |
| Real Madrid | 01:00 | PSW | — |
| Slowan Bratislawa | 01:00 | Betis | — |
| **25-nji noýabr (çarşenbe)** | | | |
| Sabah | 22:45 | Barselona | — |
| Slawiýa Praga | 22:45 | Wilýarreal | — |
| Atletiko | 01:00 | Wiking | — |
| Klub Brýugge | 01:00 | Liwerpul | — |
| Inter | 01:00 | Ştutgart | — |
| Şahtýor Donesk | 01:00 | Fenerbahçe | — |
| Lill | 01:00 | Bawariýa | — |
| **PSŽ** | 01:00 | **Roma** | — |
| **Sporting** | 01:00 | **Man. Ýunaýted** | — |

## 6-njy duşuşyklar

| 8-nji dekabr (sişenbe) | | | |
|---|---|---|---|
| Wiking | 22:45 | Feýenoord | — |
| Wilýarreal | 22:45 | Sabah | — |
| AEK Afiny | 01:00 | Galatasaraý | — |
| Roma | 01:00 | Sporting | — |
| **Aston Willa** | 01:00 | **PSŽ** | — |
| **Barselona** | 01:00 | **Mançester Siti** | — |
| Bawariýa | 01:00 | Slawiýa Praga | — |
| **Man. Ýunaýted** | 01:00 | **Leipsig** | — |
| Napoli | 01:00 | Klub Brýugge | — |
| **9-njy dekabr (çarşenbe)** | | | |
| Betis | 22:45 | Komo | — |
| Slowan Bratislawa | 22:45 | Şahtýor D | — |
| **Arsenal** | 01:00 | **Real Madrid** | — |
| Borussiýa D | 01:00 | Inter | — |
| LASK | 01:00 | Fenerbahçe | — |
| **Liwerpul** | 01:00 | **Porto** | — |
| **PSW** | 01:00 | **Atletiko** | — |
| Lans | 01:00 | Bude-Glimt | — |
| Ştutgart | 01:00 | Lill | — |

## 7-nji duşuşyklar

| 19-njy ýanwar (sişenbe) | | | |
|---|---|---|---|
| Bude Glimt | 22:45 | Atletiko | — |
| Galatasaraý | 22:45 | Feýenoord | — |
| AEK Afiny | 01:00 | Roma | — |
| **Aston Willa** | 01:00 | **Borussiýa D** | — |
| **Inter** | 01:00 | **Liwerpul** | — |
| Porto | 01:00 | Slawiýa Praga | — |
| Lill | 01:00 | Slowan Bratislawa | — |
| Real Madrid | 01:00 | LASK | — |
| Ştutgart | 01:00 | Klub Brýugge | — |
| **20-nji ýanwar (çarşenbe)** | | | |
| Fenerbahçe | 22:45 | Wilýarreal | — |
| Sabah | 22:45 | Napoli | — |
| Komo | 01:00 | PSŽ | — |
| **Man. Ýunaýted** | 01:00 | **Bawariýa** | — |
| Leipsig | 01:00 | Şahtýor D | — |
| Lans | 01:00 | Mançester Siti | — |
| Betis | 01:00 | Arsenal | — |
| **Sporting** | 01:00 | **Barselona** | — |
| Wiking | 01:00 | PSW | — |

## 8-nji duşuşyklar

| 27-nji ýanwar (çarşenbe) | | | |
|---|---|---|---|
| Arsenal | 01:00 | Sabah | — |
| Roma | 01:00 | Lill | — |
| Atletiko | 01:00 | Fenerbahçe | — |
| Borussiýa D | 01:00 | AEK Afiny | — |
| Klub Brýugge | 01:00 | Bude-Glimt | — |
| Bawariýa | 01:00 | Betis | — |
| Barselona | 01:00 | Komo | — |
| Şahtýor D | 01:00 | Real Madrid | — |
| Feýenoord | 01:00 | Leipsig | — |
| LASK | 01:00 | Porto | — |
| Liwerpul | 01:00 | Lans | — |
| **Mançester Siti** | 01:00 | **Sporting** | — |
| **PSŽ** | 01:00 | **Galatasaraý** | — |
| PSW | 01:00 | Ştutgart | — |
| Slawiýa Praga | 01:00 | Aston Willa | — |
| Napoli | 01:00 | Wiking | — |
| **Wilýarreal** | 01:00 | **Man. Ýunaýted** | — |
| Slowan Bratislawa | 01:00 | Inter | — |



# 3 KUBOK ÜÇIN 39 ÝURTDAN 108 KLUB GÖREŞER

**UEFA-nyň 3 klub ýaryşynyň täze möwsümine saýlama oýunlaryny hasaba alanyňda tomsuň birinji aýynda badalga berlipdi. Geçen hepdede 3 ýaryşyň hem final tapgyrynyň bijeleri çekildi. Iýun aýynda 54 ýurtdan 237 klub bilen başlan UEFA-nyň ýaryşlarynda final tapgyryna 39 ýurtdan 108 klub çykmagy başardy. 45 ýurtdan 129 klub üçin bolsa bu möwsümlik Ýewropa ýaryşlary ir tamamlandy.**

● **Iň köp klub Angliýadan gatnaşýar.** Angliýadan 9, Ispaniýadan 8, Italiýadyr Germaniýadan 7, Niderlandlardan 6 klub şu möwsümde UEFA-nyň ýaryşlarynda özlerini görkezerler. Jemi 9 ýurduň ähli kluby saýlama oýunlarynda hiç hili ýalňyşmady. Ýagny saýlama oýunlaryna başlan ähli kluby bilen ýaryşy dowam edýän 9 ýurt bolup, olar – Angliýa, Ispaniýa, Italiýa, Germaniýa, Portugaliýa, Fransiýa, Belgiýa, Niderlandlar, Daniýa döwletleridir. Daniýanyň 4 topary-da UEFA Konferensiýa Ligasynda çykyş eder. 4 topar bilen başlan Islandiýadan, Irlandiýadan, Kosowodan, Moldowadan, Farer adalaryndan, Maltadan, Estoniýadan, Demirgazyk Irlandiýadan Lýuksemburgdan, D. Makedoniýadan, Uelsden hem-de San Marinodan ýeke topar hem galmady.

● **Täze toparlar.** UEFA Çempionlar Ligasynda 16 ýurtdan 36, UEFA Ýewropa Ligasynda 22 ýurtdan 26, UEFA Konferensiýa Ligasynda bolsa 30 ýurtdan 36 klub çykyş eder. Çempionlar Ligasynda «Komo», LASK, «Wiking», «Sabah» ilkinji gezek gatnaşýar. «Komo» taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna wekilçilik eder. Ýewropa Ligasynda «Ararat-Armenia», «Bornmut», «Selýe», «Kristal Palas», «Ýagelloniýa Belostok», «Lilleström», OFI, «Sanderland», «Torreense» toparlary ilkinji gezek bu ýaryşyň final tapgyryna gatnaşýar. «Ararat-Armenia», «Bornmut», OFI, «Lilleström», «Sanderland» hem-de «Torreense» UEFA-nyň uly ýaryşlarynda ilkinji gezek toparçalaýyn ýa-da liga tapgyryna gatnaşsa, «Bornmut» bilen häzirki wagtda Portugaliýanyň 2-nji ligasynda çykyş edýän, geçen möwsümde ýurduň kubogyny gazanan «Torreense» topary umumylykda UEFA-nyň ýaryşlaryna ilkinji gezek atlaryny ýazdyrdylar. Olaryň ikisi mundan öň saýlama tapgyrlaryna hem gatnaşmandy.

● **Diňe San Marino bilen Garadag galdy.** Konferensiýa Ligasynda AGF, «Egnatiýa», «Iberiýa 1999», «Inter Klub d'Eskaldes», «Kauno Žalgiris», «Mýallbýu», «Riga» hem-de «Sint-Truiden» toparlary taryhlarynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna wekilçilik ederler. «Inter Klub d'Eskaldes» topary Andorranyň adyndan UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşýan ilkinji topar hökmünde taryha girdi. Andorra UEFA-nyň ýaryşlaryna kluby gatnaşan 53-nji ýurt hökmünde hasaba alyndy. Şeýlelikde, UEFA-nyň 55 agzasyndan 53-siniň bir kluby UEFA-nyň ýaryşlarynda çykyş eder. Häzirlikçe diňe San Marino bilen Garadagdan ýeke kluba hem UEFA-nyň ýaryşlarynyň final tapgyryna gatnaşmak miýesser etmedi.

| | Başdaky klub sany | Gatnaşýan klub sany | UÇL | UÝL | UKL | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ÝURTLAR** | **182** | **108** | **36** | **36** | **36** | | | | | | | | | |
| Angliýa | 9 | **9** | 5 | 3 | 1 | Arsenal | Mançester Siti | Man. Ýunaýted | Liwerpul | Aston Villa | Kristal Palas | Bornmut | Sanderland | Braýton |
| Ispaniýa | 8 | **8** | 5 | 2 | 1 | Barselona | Real Madrid | Wilýarreal | Atletiko | Betis | Real Sosiedad | Selta | Hetafe | |
| Italiýa | 7 | **7** | 4 | 2 | 1 | Inter | Napoli | Roma | Komo | Milan | Ýuwentus | Atalanta | | |
| Germaniýa | 7 | **7** | 4 | 2 | 1 | Bawariýa | Borussiýa Dortmund | Leipsig | Ştutgart | Baýer | Hoffenhaým | Fraýburg | | |
| Fransiýa | 7 | **7** | 3 | 3 | 1 | PSŽ | Lill | Lans | Lion | Marsel | Renn | Monako | | |
| Niderlandlar | 6 | **6** | 2 | 2 | 2 | PSW | Feýenoord | AZ | NEK | Aýaks | Twente | | | |
| Türkiýe | 5 | **4** | 2 | 1 | 1 | Galatasaraý | Fenerbahce | Beşiktaş | Trabzonspor | | | | | |
| Portugaliýa | 5 | **5** | 2 | 2 | 1 | Porto | Sporting | Benfika | Torreense | Braga | | | | |
| Norwegiýa | 5 | **4** | 2 | 1 | 1 | Bude-Glimt | Wiking | Lilleström | Brann | | | | | |
| Awstriýa | 5 | **3** | 1 | 2 | 0 | LASK | RB Salsburg | Şturm Gras | | | | | | |
| Çehiýa | 5 | **4** | 1 | 2 | 1 | Slawiýa Praga | Wiktoriýa Plzen | Sparta Praga | Ýablones | | | | | |
| Belgiýa | 5 | **5** | 1 | 2 | 2 | Klub Brýugge | Ýunion Sent-Žilluaz | Anderleht | Gent | Sint-Truiden | | | | |
| Gresiýa | 5 | **4** | 1 | 2 | 1 | AEK Afiny | Olimpiakos | OFI | Panatinaikos | | | | | |
| Ukraina | 4 | **1** | 1 | 0 | 0 | Şahtýor Donesk | | | | | | | | |
| Azerbaýjan | 4 | **1** | 1 | 0 | 0 | Sabah | | | | | | | | |
| Slowakiýa | 4 | **1** | 1 | 0 | 0 | Slowan Bratislawa | | | | | | | | |
| Polşa | 5 | **2** | 0 | 2 | 0 | Leh Poznan | Ýagelloniýa | | | | | | | |
| Şotlandiýa | 5 | **2** | 0 | 1 | 1 | Seltik | Harts | | | | | | | |
| Bolgariýa | 4 | **2** | 0 | 1 | 1 | Lewski Sofiýa | SSKA Sofiýa | | | | | | | |
| Horwatiýa | 4 | **2** | 0 | 1 | 1 | Dinamo Zagreb | Haýduk Split | | | | | | | |
| Kipr | 4 | **2** | 0 | 1 | 1 | Omonia | Pafos | | | | | | | |
| Ermenistan | 4 | **1** | 0 | 1 | 0 | Ararat-Armenia | | | | | | | | |
| Sloweniýa | 4 | **1** | 0 | 1 | 0 | Selýe | | | | | | | | |
| Wengriýa | 4 | **1** | 0 | 1 | 0 | Ferenswaroş | | | | | | | | |
| Ysraýyl | 4 | **1** | 0 | 1 | 0 | H. Be'er Şewa | | | | | | | | |
| Daniýa | 4 | **4** | 0 | 0 | 4 | Kopengagen | Midtýullann | Norşallann | AGF | | | | | |
| Şweýsariýa | 4 | **2** | 0 | 0 | 2 | Lugano | Tun | | | | | | | |
| Şwesiýa | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | Mýallbýu | | | | | | | | |
| Gazagystan | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | Kairat | | | | | | | | |
| Serbiýa | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | Srwena Zwezda | | | | | | | | |
| Finlýandiýa | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | KuPS | | | | | | | | |
| Andorra | 3 | **1** | 0 | 0 | 1 | Inter Klub d'Eskaldes | | | | | | | | |
| Gibraltar | 3 | **1** | 0 | 0 | 1 | Linkoln Red Imps | | | | | | | | |
| Rumyniýa | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | Uniwersitatea Kraiowa | | | | | | | | |
| Bosniýa | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | Boras Banýa Luka | | | | | | | | |
| Latwiýa | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | Riga | | | | | | | | |
| Gruziýa | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | Iberia 1999 | | | | | | | | |
| Albaniýa | 4 | **1** | 0 | 0 | 1 | Egnatia | | | | | | | | |
| Litwa | 3 | **1** | 0 | 0 | 1 | Kauno Žalgiris | | | | | | | | |







